# Ezizowyñ emri bilen -5: Iñ soñky duşuşyk

Category: Edebi makalalar,Goşgular,Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ezizowyñ emri bilen -5: Iñ soñky duşuşyk IŇ SOŇKY DUŞUŞYK

EZIZOWYŇ EMRI BILEN dünýä inen, durmuşymyza giren hakykatlar barada ýazdygyňça, ýene ýazmalydygyna gözüň ýetýär. Men onuň entek, iň bärkisi, ýeke goşgusyny-da elekden geçirmedim, şahyrana ussatlygy barada kelam agyz-da aýtmadym.
Gurbannazaryň türkmen poeziýasyna getiren Ene obrazy bir gürrüň. Yşky lirikasy başga gürrüň. Güýz, güýz ýapragynyň durmuşy, filosofik, şahyrana manysy. Geň-taň täze kapyýalar. Şahyryň öz döreden nakyllary, aforizmleri. Onuň beýik Pyragynyň, umuman klassyk poeziýamyzyň däplerini ösdürişi, täzeçil tärlere uýuşy… Galyberse-de, şygyrlarynyň rusça terjimesiniň hili. Belkem-de, bu zatlar ikinji kitapda gozgalar, häzirlikçe bolsa, men bu ýazgylaryň ahyrynda şahyryň diňe iki-üç sany goşgusyna degip geçerin.
«Dile geldi, bile geldi»: goşgularyň terjimesi hakynda şu ýerde birje täsin mysaly agzap geçäýeliň.
W.Sybiniň terjime kitabynda şeýle setirler bar:

…I w gorod bolşoý
Wozwraşaýeşsýa snowa,
Gde şutki, gde druženskiý smeh ty uslyşiş.
Prowodiş sred şumnogo dnýa gorodskogo,
Minuýa TRAMWAI, kioski, afişi.

Aşgabatda – tramwaý?.. (gürrüň G.Ezizowyň ýaşaýan şäheri hakda ahyry!)
Käşgä bu transport şäheriň taryhynda bir bolan bolsady. Aşgabada tramwaýyň gerekligi, gerekmezligi barada baryp-ha 1927-nji ýylda bolan çekişmede inžener P.P.Petrow: «…Eýsem häzir merkezden şäheriň çetine çenli aralyk 3 kilometrden hem

geçýändigi üçin, bu aralyk uzaldygyça, tramwaý hakyndaky mesele real häsiýete eýe bolýar» diýip ýazypdyr.
Inžener I.Blagoý bolsa onuň tersine: «Biziň ajaýyp «faetonlarymyz» bilen ýaryşyp bolar diýip çykarylan hasaplar düýbünden nädogrydyr. Tramwaýyň, iň bärkisi, paýtunçy bilen ýaryşan ýerem taryhda bolan zat däldir».
Ine Aşgabadyň hem-de bu şäheri ýeke gezek hem görmedik terjimeçiniň «tramwaýy» şeýle. Oňa münüp, uzak gidip bolmaýar. Men hem bu tramwaýdan düşüp, ýene yzyma gaýdyp gelýärin… Ýene Gazanjygyň gabadyndaky düze nazar aýlaýaryn. Gurbannazary gören iň soňky günüm hakynda oýlanýaryn.
Şol günüň aljyraňňylygy barada Halnabat Ezizowa «Sowet edebiýaty» žurnalynda şeýle ýazýar:
«…Men alakjan, goş-golamlaryny taýynladym. Onuň bolşy birhilidi. Ähli otaglara ýeke-ýeke girip çykdy. Megerem, ilkinji gezek ol özüniňem duýmaýan içki harasadyny daşyndakylara duýduran bolsa gerek. «Bolýar onda, sag oturyň» diýip, onuň nähili çykanynam duýman galdym. Men dilim basylan ýaly, oňa «sag-aman gidip gel» diýmegem unudypdyryn».
Hawa, Gurbannazar şol gün daňdan Ýuriý Rýabinin, Wasiliý Şabanow dagy bilen festiwala gelen ýaş şahyrlaryň bir toparyny alyp, Krasnowodskä uçmalydy. Men bolsam, komsomolyň oblast komitetiniň sekretary bilen myhmanlaryň başga bir toparyny Tejen tarapa awtobusly äkitmelidim.
Irgözin «Türkmenistan» myhmanhanasyna bardym. Festiwala seminar ýolbaşçysy hökmünde Moskwadan çagyrylan birnäçe tanymal şahyr bardy, olar hem biz bilen gitmelidi. ýöne olardan biri Oleg Dmitriýew nähoşlan eken. Dostlarynyň ýagdaýyny görüp, Ýewgeniý Hramowdyr Nikolaý Starşinowyň hem krowatda gyşaryp ýatyşlary ýola giderli däldi. Nätmeli?
Şol wagtam, sen-men ýok, duýdansyz ýerden Gurbannazar geldi.
— O-ho! O nä? Gitmediňmi?
— Samolýotdan gijä galdym.
— Asyl bolaýypdyr şol-a! Häzir awtobusly Tejen tarapa gideli hemmämiz. Krasnowodskilileriň özi oňşar. Şulary ýerinden gozgamaga kömek et…
Daşardan awtobusyň signal sesi eşidilip, ýaşlaryň biri ylgap

geldi:
— Komsomolyň sekretary size çaltrak bolsun diýýär.
— Häzir barýas diýäý!
Gurbannazar yrylypdy, onuň başga alajy hem ýokdy. Ýolbaşçylaram yrdym-yrdym edipdik.
Ýöne ine edil şol pursatda-da gapydan Wasiliý Şabanow girdi.
Ähli zat tersine döndi duruberdi.
— Baý-bow!.. Ýa senem samolýotdan gijä galdyňmy? Sen eýýäm bu wagta Krasnowodskide bolmal-a?
— Ýok, men gijä galamok. Krasnowodskä-de barýan.
Wasýa (biz oňa şeýle diýerdik), Wasiliý Wasilewiç Şabanow ajaýyp şahyrdy hem-de WLKSM MK-nyň propaganda bölüminiň instruktorydy. Ýaş şahyrlaryň Aşgabatda geçirilýän nobatdaky bütinsoýuz festiwalynyň baş guramaçysydy. Festiwal günleri ol gije-gündiz ýatman diýen ýaly işlemeli bolýardy, bu toýuň hysyrdysy gaty kändi.
— Indiki maslahat?
Siziň komsomolyňyzyň Merkezi Komitetiniň sekretary maňa bir gowy ideýa berdi. Sen indi näçe gündür, şol ylgaşlap ýörsüň, Türkmenistanam oňly gördügiň bolanok diýdi. Ynha suw ýaly maşyn, Krasnowodskä şoňa mün-de gidiber, bolmanda, türkmeniň sährasy ýadyňda galsyn diýdi. Ynha, indi men siziň hyzmatyňyzda.
Gurbannazaryň guşy uçdy.
Daşardan ýene-de awtobusyň signaly eşidildi.
— Wasýa, bileje gidýäs! Boldy!
Meniň gaşym öňküsinden-de beter bürüldi. Özüňiz pikir edip görüň.
Wasiliý Şabanow Saratow şäherinde «Wolga» žurnalynyň publisistika bölüminiň müdiri bolup işläp ýerkä, komsomolyň şäher komitetiniň çlenidi. Çehoslowakiýada rus dilini öwrenýänleriň arasynda çykyş etmek üçin, ýaş komsomol şahyry gerek boldy. Tabşyryk iňňän jogapkärlidi, sebäbi şol döwürde Çehoslowakiýanyň öz içiniň ýagdaýy juda çylşyrymlydy. WLKSM MK-da ýurdumyzyň ýaş edebiýaty bilen bagly meseleleri men alyp barýardym. Sorag-ideg edip, ahyrym, Wasiliý Şabanow diýleniň üstünde durdum. Tanyşdym. Iberdim. Wasýa tabşyrylan ýumşy

aňryýany bilen oňaryp geldi. Edebiýat meselereleriniň hemmesine bir özümiň ýetişmeýänligimi aýdanymda, WLKSM MK-nyň şol wagtky sekretary A.Ý.Kamşalow «adam tap, ýanyňa kömekçi alyp bereli» diýdi. Men şol bada Şabanowy agzadym. Şeýdip, Wasýa bilen bir kabinetde işläp ugradyk. Ýaşaýyş jaýy berleninde bolsa, bize berlen otaglar gabatma-gabat belent jaýlardan düşdi. Ençeme wagtlap maşgalalarymyz bilen gatnaşyk etdik, dostlaşdyk.

Ine, indem onuň ýany bilen gitjek bolup, Gurbannazar dyzap dur. Men bolsam, geleli bäri onuň bilen oturyp, oňly gürrüň etmäge-de ýetişemok.

– Gurbannazar, dost meniňki. Men gidäýeýin-le. Geleli bäri ine-gana gürleşemzogam. Sen gaýrat et-de, myhmanlary Tejene äkidäý…

Daşardan bolsa, awtobusyň signaly zol gaýtalanyp dur.

– Krasnowodskide maňa Ýura (Rýabinin – A.A.) garaşýar-a. Men oňa söz berdim. Ozal ony sostawa goşamda-da ol «Özüň gitseň, gideýin» diýip şert goýdy. «Bolýa» diýip zordan yrdym. Men oň ýüzüne soň nädip serederin…

Ahyrym, gyssanyp, göçi geçip barýan komsomol sekretarynyň özi tasap geldi. Salamynam unudyp:

– Nädýäňiz-aý, hany bolaňzokmy? Adam baryny daňdyňyz! – diýdi.

Gitdik. Hoşlaşmak biziňem kellämize geler ýaly bolmady. Dogrudaňam, birhili aljyraňňy gün boldy.

Ertesi agşam Tejenden gijräk çykyp gaýtdyk. Bir awtobus, birem sekretaryň «UAZ»-y. Men awtobusda, oglanlar bilen, sekretar – öz ýeňil maşynynda. Oglanlar diýýänim – bu gün indi il içinde mazaly adygan şol wagtky ýaş şahyrlar: ukrainaly Mihail Lukiýew, täjigistanly Kamol Nasrulla, öz ildeşimiz, şindiki TSSR-iň Lenin komsomolynyň laureaty Nobatguly Rejebow we başgalar… Sekretar öňümize geçip, maşynyny barha batly sürdürýär. Bu ýagdaý menem, ýanymda oturan Nobatgulynam barha ynjalykdan gaçyrýar: beýle-de bir sürmek bor oguşýar!.. Biz myhmanlaryň ýanynda syr bermejek bolýarys. Ýöne gaharymyz gelýär. Ahyrym, bolmady, bir-iki ýola sekretaryň yzyndan ýetip, duýdurdyk: «Awtobusda dürli respublikadan gelen ýaşlar otyr. ýol uzak. Gijelik. Haýalrak git».

Bir salymdan sekretar ýene arany açdy – onuň şol

myhmanhanadaky gyssanmaçlygy aýrylman geçjek. Ýene yzyndan ýetip, maşynyny sakladym-da, myhmanlaryň gözüniň alnynda gelşiksizem bolsa, gazabyma döz gelmän, üstüne gygyrdym. Awtobusyň ardynda galmalydygyny, eger öňümize geçäýse, onuň bilen başga ýerde başgarajyk gürrüň etjekdigimi duýdurdym.
Şeýdip, şol ýerde, gije sagat on birden işläninde ep-esli sägindik…
Indi görüp otursak, Gurbannazar dagynyň münüp gelýän maşynynyň badam edil şol minutlarda togtapdyr. Edil şol minutlarda Tejen ýolundaky senemenelikden soň, biz däl, myhmanlar uýalyp, pursat-salym dymyp durka, Gazanjyk ýolunda biziň dostlarymyz oka tutulyp, ýol ugrundaky oýtum gan bilen maşyn aýnasynyň jäjeginden dolupdyr. Edebi makalalar